**BILDIRIŞ**

**Türkmenistanyň Döwlet energetika instituty 2024-nji ýylyň maý aýynyň 6-dan maý aýynyň 11-i aralygynda Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda “Nazary mehanika” dersi boýunça III Açyk halkara internet olimpiadasyny geçirýär we ähli isleg bildirýän talyplary bu bäsleşige gatnaşmaga çagyrýar.**

**III Açyk halkara internet olimpiadasy şahsy we toparlaýyn bäsleşikler görnüşinde geçirilýär.**

**III Açyk halkara internet olimpiadasynyň resmi iş dilleri – türkmen, rus we iňlis dilleri.**

**Bäsleşige islendik hünärde we islendik ýylda okaýan talyplar gatnaşyp bilerler..**

**Olimpiadanyň şahsy bäsleşiginde her ýokary okuw mekdebinden sany 20-den (ýigrimiden) köp bolmadyk talyp, toparlaýyn görnüşine düzümi 5 (bäş) talypdan köp bolmadyk 1 (bir) ýa-da 2 (iki) topar gatnaşyp biler. Birnäçe ýokary okuw mekdepleriniň birleşmeginden hem bir ýygyndy topar düzülip bilner. Toparlaýyn hem-de şahsy bäsleşikleriň ýumuşlary bäsleşikleriň geçirilýän güni institutyň https:tdei.edu.tm/baslesik/ web sahypasynyň ýörite bölümine goýular.**

## Bäsleşigiň geçiriliş tertibi:

**- şahsy bäsleşige gatnaşyjylar 8 (sekiz) sany mesele çözerler (şol sanda, “Nazary mehanika” dersiniň “Statika” bölümine degişli 2 (iki) sany mesele, “Kinematika” bölümine degişli 2 (iki) sany mesele we “Dinamika” bölümine degişli 4 (dört) sany mesele). Meseleleri çözmäge beriljek wagt – 240 minut;**

**- toparlaýyn bäsleşige gatnaşyjylar “Nazary mehanika” dersiniň dürli bölümlerine degişli 5 (bäş) sany mesele çözerler. Meseleleri çözmäge beriljek wagt**

**- 60 minut;**

**- bäsleşigiň gidişine Google Meet programma üpjünçiligi arkaly gözegçilik ediler.**

**Bäsleşigiň ýeňijileri şahsy we toparlaýyn görnüşde hasaba alnyp, meseleleriň dogry ýerine ýetiriliş derejesine baglylykda toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitleniler.**

**Dogry çözülen ýumuşlaryň göterim gatnaşygy esasynda bäsleşigiň ýeňijileriniň sany kesgitleniler, ýagny hödürlenen ýumuşlaryň 50%-den köp bölegini dogry çözmegi başaranlar I derejeli, 30%-den – 50%-e çenli dogry çözmegi başaranlar II derejeli we 15%-den – 30%-e çenli dogry çözmegi başaranlar III derejeli diplomlar bilen sylaglanar.**

**“Nazary mehanika” dersi boýunça III Açyk halkara internet olimpiadasyna gatnaşmaga isleg bildirýän ýokary okuw mekdepleriniň talyplary we olaryň ýolbaşçy mugallymlary baradaky**

Все права защищены

**maglumatlary hasaba almaklyk institutyň https:tdei.edu.tm/baslesik/ web sahypasynda 2024-nji ýylyň aprel aýynyň 25-ine çenli dowam eder.**

### Habarlaşmak üçin:

### Tel.: +800 522 5-75-02, +993 64 681023, +993 64 207444

### e-mail: tdei@tdei.edu.tm, energetikatdei@gmail.com tdei.mechanic@gmail.com

### Individual registration

### Team registration

## “Nazary mehanika” dersi boýunça III Açyk halkara internet olimpiadasynyň rejesi (Aşgabat wagty bilen)

**06.05.2024 ý.**

**10:00 – Internet olimpiadasynyň açylyşy.**

**11:00 – Şahsy bäsleşik.**

**15:00–15:30 – Meseleleriň çözüwlerini (dört sahypany bir liste ýerleşdirip) gyssagly ugratmak.**

**15:45–17:45 – Meseleleriň çözüwlerini ýokary hilli suratda ugratmak.**

**18:30 – Meseleleriň çözüwleri bilen tanyşdyrmak.**

**07.05.2024 ý.**

**11:00 – Toparlaýyn bäsleşik.**

**12:00–12:30 – Meseleleriň çözüwlerin ugratmak.**

**15:00 – Toparlaýyn bäsleşigiň netijelerini yglan etmek.**

**08.05.2024ý. – 10.05.2024 ý.**

**– Şahsy bäsleşigiň meseleleriniň çözüwlerini barlamak.**

Все права защищены

**– Şahsy bäsleşigiň deslapky netijelerini yglan etmek.**

**11.05.2024 ý.**

**10:00 – Şahsy bäsleşigiň ahyrky netijelerini yglan etmek.**

**11:00 – Ýeňijileri yglan etmek we sylaglamak.**

**12:00 – Internet olimpiadasynyň ýapylyşy.**

**Habarlaşmak üçin: tel: +800 522 5-75-02, +99364681023, +99364207444**

**e-mail: tdei@tdei.edu.tm, energetikatdei@gmail.com, tdei.mechanic@gmail.com**

## Düzgünnama

### Türkmenistanyň Döwlet energetika instituty

Все права защищены